# Türküñ ölümi

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Türküñ ölümi «TÜRKÜÑ ÖLÜMI» romany




Belki biz ýurdumyzdaky türk firmalarynda işlemäge gelen we aýal-gyz görse hyllygyny akdyryp ýören aýalbaz türkiýelileri görüp, bu gün segsen milliona ýeten türk halkynyň hemmesini

şeýledir öýdýändiris?..
Belki-de, biz brazil seriallaryndan uzaga çekýän soňy gelmez türk seriallarynda biri-birleriniň aýallaryna aşyk bolup, ýa-da aýalynyň üstüne hyzmatkär gyz bilen gezip çaga dogurdyp ýörenlere, eli sapançaly köpçülik ýerinde kowalaşyp ýören gahrymanlara («mafiýa babalary») seredip, türk halkyna baha berýändiris?..
Ýa bolmasa, käbirimiz olary syýasy habarlarda günde-günaşa tomaşa edilýän, biri-birine basdaş partiýalaryň deputatlarynyň saçýolma oýnaşyp we bir-birine oturgyç zyňyşyp görene göz boluşlary bilen olaryň hemmesini şolar ýalydyr öýdýändiris…
Ýok, siz ýalňyş göz öňüne getireňzok! Köp babatda siziň edýän pikiriňiz dogry.
Ynha, «Türküň ölümi» romany hem adamyň we jemgyýetiň şolar ýaly peslige nädip düşüşiniň çeper beýany bolup durýar.
«IERUSALIM OPERASIÝASY» (Türkiýäniň Ierusalimi azat etmegi) ýa-da «Kuddus operasiýasy» («OPERASYON KUDÜS») romany bilen adyndan söz etdiren türk ýazyjysy Hasan Karaman «Türküň ölümi» atly ikinji kitabynda özüniň birinji ýazan eserinden soň nä derejede kämilleşendigini görkezmek bilen birlikde tanymal ermeni žurnalisti Tigran Martikýanyň garşysyna edilen jenaýatdan söz açýar.
Belki-de, kitabyň arka sahabynda ýerleşdirilen jümleler biziň ýokarda goýan ritoriki sowallarymyza gerekli jogaby berse gerek:
«Ýaşajyk oglan, az wagtyň içinde ýurduň ýakasy gaýyşly jenaýatçysy bolup bilermi? Bolýan ekeni!..”
Tanymal ermeni žurnalisti Tigran Mardikýanyň ýaşajyk ganhory jenaýat eden badyna ele salynanam bolsa, aslynda kimler tarapyndan gurnalandygy näbelli bolup galan aýylganç jenaýatyň pidasy boldy.
«Türk» sözi etniki adalga, ýa-da başgaça aýdylanda gana esaslanan garyndaşlygy alamatlandyrýan söz däldir. Türk sözüni etniki adalga derejesine getirmek – ony aslyna özüne mahsus däl görnüşe düşürmekdir. Bu ony kiçeltmekden, daraltmakdan, gysyrlaşdyrmakdan başga zat däldir. Bu öz taryhy gelip çykyşyňa atanak çekmek bilen birlikde «türk(men)» adyna mynasyp bolmak üçin edilen işleriň ähmiýetini peseltmekdir.

Türklük (türkmençilik) Orta Aziýada ýaşan we Gök Tañry (Asman Hudaýy, ýagny ýeke-täk Allatagala) ynançly Ural-Altaý kökli käbir kowumlaryñ (türkmenleriñ) musulmançylygy kabul etmegi bilen orta çykandyr».
«Türküñ ölümi» romany türklügiñ, türk adyna mynasyp bolmagyñ we milli buýsanjyñ gowşamagynyñ agysy bolup ýañlanýar. Ýaşlaryñ ýalan hažyk-hužyklar bilen aldanylmagy we daglara çykarylmagy, metropoliýalarda (köp ilatly şäherlerde) narkotiki serişdeleriñ söwdasynyñ edilmegi, ýokary okuw jaýlarynda we mekdeplerde taryhdan, edebiýatdan we syýasatdan bilim almagyñ deregine billerine sapança dakynyp köçelerde adam kowalamagy…. ynha, bularyñ hemmesi «Türküñ ölümi» romanynda mañzyña batýan şekilde ussatlyk bilen suratlandyrylýar».

* * *

Deñesinden biperwaý geçip bolmajak we okap bolandan soñra, türki kowumlardan bolan her bir ynsanyñ kalbynda «Men kim?» diýip, sowal döretjek bu romany okamak we satyn almak isleýänler doly nusgasy bilen kitapyurdu.com internet saýtyndan alyp bilerler… Edebiýat täzelikleri